TÜRKMENISTANYŇ
GURLUŞYK WE
BINAGÄRLIK
MINISTRLIGI

**BUÝRUK**

MINISTRY OF
CONSTRUCTION AND
ARCHITECTURE
TURKMENISTAN

**ORDER**

"7" 05 2020 ý. № MB-70

Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2019-njy ýylyň 17–nji aprelinde çykaran MB-70 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, «Jemgyýetçilik binalary we desgalary» atly TGK 2.08.02-19 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna üýtgetme girizmek hakynda

«Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran 1083-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi hakynda Düzgünnama laýyklykda binagärlik, taslama we gurluşyk babatdaky kanunçylygy kämilleşdirmek, döwlet kadalaşdyryjy-usulyýet resminamalaryny bellenilen tertipde işläp taýýarlamak we tassyklamak boýunça Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň wezipelerini amala aşyrmak maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 17-nji maýynda 1222 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, «Jemgyýetçilik binalary we desgalary» atly TGK 2.08.02-19 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryny tassyklamak hakynda Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2019-njy ýylyň 17–nji aprelinde çykaran MB-70 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, «Jemgyýetçilik binalary we desgalary» atly TGK 2.08.02-19 Türkmenistanyň gurluşyk kadalarynyň on dokuzynjy böleginiň birinji tesimini aşakdaky görnüşde beýan etmeli:

«19. Jemgyýetçilik binalaryň, jemgyýetçilik binalardaky ýaşaýyş otaglarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň içinde jemgyýetçilik binalarynda poldan indiki gatyň poluna çenli beýikligi taslama tabşyrygyna we

Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda 927 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2015-nji ýylyň 21-nji awgustynda çykaran MB-66 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, "Ýaşaýyş jaýlary" atly TGK 2.08.01-15 belgili Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär, ýöne 3,6 metrden az bolmaly däldir, asma potology ýa-da otagyň beýikligini azaldýan beýleki germewleýji gurnawlary gurnalanda poldan potologa çenli beýikligi azyndan 3,0 metr kabul edilmelidir.»

2. Şu buýruk, onuň herekete girizilen gününe çenli bellenen tertipde döwlet seljerişinden geçen taslama-çenlik resminamalara, şeýle hem taslama-çenlik resminamalarynyň döwlet seljerişi tapgyrlaýyn amala aşyrylan gurluşyklara degişli däldir.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary Ç.Ahmedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **R. Gandymow**